ORAZA

# ORAZA

TÜRKMENISTAN, AŞGABAT

# Oraza, onuň fazly, şertleri, sütünleri we ony bozýan zatlar.

Türkmenistan, Aşgabat

Taýýarlan: Türkmen Ogly.

Birinji çap.

Ähli soraglary şu elektron poçtalaryň üsti bilen berip bilersiňiz.

Pygambermirasy1@gmail.com

Kuranwehadys@gmail.com

Başga-da kitap ýüklemek üçin: kuranwehadys.com

# Orazanyň kesgitlemesi

Bu söz Türkmenlerde iki manyda ulanylýar.

a) Remezan aýy "Oraza aýy" diýip atlandyrylýar, ýagny yzyna "aý" sözi goşulyp gelse Remezan aýy göz öňüne tutulýar.

b) "Agyz beklemek" manyda ulanylýar we diňe "oraza" sözi gelse agyz beklemek göz öňüne tutulýar. Arapça bolsa **"syýam"** diýilýär.

Dinimizde syýamyň (oraza tutmagyň) kesgitlemesi: **Allaha golaýlaşmak üçin ikinji daňdan tä gün batýança iýim-içimden we şöhwetden saklanmak"**

Açyklama:

**"Allaha golaýlaşmak üçin"** diýip, Allaha golaýlyk (sogap) islemän bu zatlardan saklanan oraza tutan hasaplanmaýar, bu (söz) şuny açyklamak üçin goşuldy.

**"ikinji daňdan tä gün batýança"** diýip, gündeki oraza tutmaly wagty açyklandy, şundan galan wagt tutulsa oraza tutuldygy bolmaz. Biri, gün batmazyndan ozal az wagt bolsada agzyny bilkastlaýyn açsa ýada zenanyň aýbaşysy gelse rozasy bitmez.

**"iýim-içimden"** islendik iýip-içilýän zatdan saklanmak, az bolsun köp bolsun tapawudy ýok. Ýagny içe gitmesinden saklamak, emma agza gireni buňa degişli däl. Meselem agzy täret alynanda çaýkamak bilen agyz açylmaz.

**"şöhwetden"** ýagny: Jynsy aragatnaşykdan we öz-özüňe kanagat bermekden.

**Oraza tutmaklyk Yslam gelmezinden ozalam bolupdyr.**

Allah Tagala aýtdy:

**“Eý, iman edenler! Agyz beklemeklik sizden öňkilere parz edilşi ýaly takwalyk etmegiňiz üçin sizede parz edildi”**

(Bakara 183)

يَٰٓأَيُّهَا ٱلَّذِينَ ءَامَنُواْ كُتِبَ عَلَيۡكُمُ ٱلصِّيَامُ كَمَا كُتِبَ عَلَى ٱلَّذِينَ مِن قَبۡلِكُمۡ لَعَلَّكُمۡ تَتَّقُونَ ١٨٣

Aişe (Razyýallahu anhä) aýtdy:

**“Kureýş jahylýet döwri Aşura güni agyz beklärdi”**

(Buhary)

# Orazanyň hökümi.

Remezan aýynda oraza tutmak Kuran, Sünnet we Ijmag (bir agyzdan goldanmak) bilen parz.

**Kurandan delil:**

Allah Tagala aýtdy:

**“Eý, iman edenler! Agyz beklemeklik sizden öňkilere parz edilşi ýaly takwalyk etmegiňiz üçin sizede parz edildi”**

(Bakara 183)

يَٰٓأَيُّهَا ٱلَّذِينَ ءَامَنُواْ كُتِبَ عَلَيۡكُمُ ٱلصِّيَامُ كَمَا كُتِبَ عَلَى ٱلَّذِينَ مِن قَبۡلِكُمۡ لَعَلَّكُمۡ تَتَّقُونَ ١٨٣

**Sünnetden delil:**

“Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem):

**“Yslam bäş zadyň üstüne guruldy: Allahdan başga ybadata hakly hiç bir ilähiň (ybadat edilýän zadyň) ýokdygyna we Muhammediň hem Onuň bendesi (guly) we Ilçisidigine (Resulydygyna) şaýatlyk etmek, namaz okamak, zekat bermek, haj etmek, remezanda oraza tutmak”**

(Buhary we Muslim)

بُنِيَ الإِسْلاَمُ عَلَى خَمْسٍ: شَهَادَةِ أَنْ لاَ إِلَهَ إِلَّا اللَّهُ وَأَنَّ مُحَمَّدًا رَسُولُ اللَّهِ، وَإِقَامِ الصَّلاَةِ، وَإِيتَاءِ الزَّكَاةِ، وَالحَجِّ، وَصَوْمِ رَمَضَانَ

**Ijmag bolsa:**

Ymamlaryň hiç birinden buňa ters gelýän zat gelmedi.

# Dinimizde oraza buýrulmagynyň inçe syry.

Muny Allah Tagala Bakara süresiniň 183 aýatynda, bize agyz beklemegiň parzdyny açyklanda, onuň inçe syryny hem aýdan:

**“Eý, iman edenler! Agyz beklemeklik sizden öňkilere parz edilşi ýaly takwalyk etmegiňiz üçin sizede parz edildi”**

(Bakara 183)

يَٰٓأَيُّهَا ٱلَّذِينَ ءَامَنُواْ كُتِبَ عَلَيۡكُمُ ٱلصِّيَامُ كَمَا كُتِبَ عَلَى ٱلَّذِينَ مِن قَبۡلِكُمۡ لَعَلَّكُمۡ تَتَّقُونَ ١٨٣

Ýagny: Takwalyk etmegimiz üçin parz edilen. Munuň inçe syry ynsanyň Remezan aýynda Allahyň nygmatlaryndan bolan iýim-içimden we jynsy aragatnaşykdan saklamak dälde, bundanam has beýik bolan zat üçindir, ol bolsa Allaha takwalyk etmekdir. Allahyň açyklaýşy ýaly: **“takwalyk etmegiňiz üçin”** we Allahyň Resulynyň aýdyşy ýaly:

**“Kim ýalan sözi, oňa amal etmegi we samsyklygy taşlamasa, Allaha onuň iýmitini we içimini taşlamagynyň geregi ýok”**

(Buhary, Ebu Dawud, Tirmizi, Ibn Mäje)

مَنْ لَمْ يَدَعْ قَوْلَ الزُّورِ وَالعَمَلَ بِهِ وَالجَهْلَ، فَلَيْسَ لِلَّهِ حَاجَةٌ أَنْ يَدَعَ طَعَامَهُ وَشَرَابَهُ

Şonuň üçin kim şu aýda lezzetlerden saklanyp, Allaha takwalyk etse (buýruklaryny edip, haramlaryndan doly daşlaşsa) onuň nebsi üçin uly terbiýe bolar.

# Orazanyň fazly (gadyr-gymmatlygy)

Bu bölümde hem Remezan aýynyň, hem oraza tutmagyň fazly, gadyr-gymmaty barada agzap geçmekçi.

## Remezanyň fazly (gadyr-gymmady):

1- Bu aýda şeýtanlar daňylýar, Jennetiň we Rehmetiň gapylary açylýar we Oduň gapylary ýapylýar.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Eger Remezan gelse Jennetiň gapylary açylar, Oduň (Dowzahyň) gapylary ýapylar we Şeýtanlar berk daňylar”** (Buhary we Muslim)

إِذَا جَاءَ رَمَضَانُ؛ فُتِّحَتْ أَبْوَابُ الْجَنَّةِ، وَغُلِّقَتْ أَبْوَابُ النَّارِ، وَصُفِّدَتِ الشَّيَاطِينُ

Muslimdaky hadysda: Allahyň Resuly (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Eger Remezan bolsa Rehmetiň gapylary açylar, Jähennemiň gapylary ýapylar we Şeýtanlar zynjyrlanar”**

إِذَا كَانَ رَمَضَانُ؛ فُتِّحَتْ أَبْوَابُ الرَّحْمَةِ، وَغُلِّقَتْ أَبْوَابُ جَهَنَّمَ، وَسُلْسِلَتِ الشَّيَاطِينُ

2- Bu aýda müň aýdan haýyrly, perişdeleriň injek we salamatly bolan Gadyr gijesi bar.

Allah Tagala aýtdy: **“Takyk, Biz ony (Kurany) Gadyr gijesinde inderdik. Sen Gadyr gijesiniň nämedigini nädip biljek?! Gadyr gijesi müň aýdan hem haýyrlydyr. Ol gijede perişdeler we Ruh (Jebraýyl) özleriniň Robbunyň rugsady bilen (özlerine tabşyrylan) ähli işler üçin inerler. Ol gije, tä daň atýança saglyk-salamatlyk bolar”** (Gadyr)

إِنَّآ أَنزَلْنَٰهُ فِى لَيْلَةِ ٱلْقَدْرِ ﴿١﴾ وَمَآ أَدْرَىٰكَ مَا لَيْلَةُ ٱلْقَدْرِ ﴿٢﴾ لَيْلَةُ ٱلْقَدْرِ خَيْرٌ مِّنْ أَلْفِ شَهْرٍ ﴿٣﴾ تَنَزَّلُ
ٱلْمَلَٰٓئِكَةُ وَٱلرُّوحُ فِيهَا بِإِذْنِ رَبِّهِم مِّن كُلِّ أَمْرٍ ﴿٤﴾ سَلَٰمٌ هِىَ حَتَّىٰ مَطْلَعِ ٱلْفَجْرِ ﴿٥﴾

3- Bu aý mubärek aý.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Size Remezan aýy geldi, (ol) mubärek aý. Allah (Azze we Jelle) size bu aýda agyz beklemegi parz etdi. Onda (ýagny ol aýda) asmanyň gapylary açylar, Jähennemiň gapylary ýapylar, Şeýtanlaryň öte geçenleri (ýagny kapyr jynlar) daňylar. Onda Allahyň müň aýdanam haýyrly bir gijesi bardyr, kim ondan mahrum bolsa, hakyky (ähli-zatdan) mahrum bolandyr”** (Nesäi, Beýhaky. Sahyhul Tergyb wet-Terhyb)

أَتَاكُمْ رَمَضَانُ شَهْرٌ مُبَارَكٌ، فَرَضَ اللَّهُ عَزَّ وَجَلَّ عَلَيْكُمْ صِيَامَهُ، تُفْتَحُ فِيهِ أَبْوَابُ السَّمَاءِ، وَتُغْلَقُ فِيهِ أَبْوَابُ الْجَحِيمِ، وَتُغَلُّ فِيهِ مَرَدَةُ الشَّيَاطِينِ، لِلَّهِ فِيهِ لَيْلَةٌ خَيْرٌ مِنْ أَلْفِ شَهْرٍ، مَنْ حُرِمَ خَيْرَهَا فَقَدْ حُرِمَ

4- Remezan günäleri ýuwar.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Bäş wagt namaz, Juma Juma deňeç, Remezan Remezana deňeç günäleri ýuwýanlardyr, egerde uly günälerden çetleşilse”** (Muslim)

الصَّلَوَاتُ الْخَمْسُ، وَالْجُمْعَةُ إِلَى الْجُمْعَةِ، وَرَمَضَانُ إِلَى رَمَضَانَ مُكَفِّرَاتٌ مَا بَيْنَهُنَّ إِذَا اجْتَنَبَ الْكَبَائِرَ

5- Remezanda (namaza) turany geçen günäleri bagyşlanar we Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) onda (tarawa, gije namazlara) durmagy höweslendirerdi.

“Ebu Hureýra (Razyýallahu anh) aýtdy: **“Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) Remezanda (namaza) turmagy olara parz etmän höweslendirerdi we “Kim Remezany (parzlygyna) iýman edip (sogabyny Allahdan) umyt edip (namaza) tursa onuň geçen günäleri bagyşlanar” diýdi.”** (Buhary, Muslim, Ebu Dawud, Tirmizi, Nesäi, Ibn Mäji, Muwette we Ahmed)

عَنْ أَبِي هُرَيْرَةَ قَالَ: كَانَ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللَّهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ يُرَغِّبُ فِي قِيَامِ رَمَضَانَ مِنْ غَيْرِ أَنْ يَأْمُرَهُمْ فِيهِ بِعَزِيمَةٍ، فَيَقُولُ: "مَنْ قَامَ رَمَضَانَ إِيمَانًا وَاحْتِسَابًا غُفِرَ لَهُ مَا تَقَدَّمَ مِنْ ذَنْبِهِ"

6- Remezanda Allah ençeme kişini otdan boşatjakdyr.

Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Takyk, (Remezanda) her agyz açarda Allahyň (otdan) boşatjaklary bardyr”** (Ahmet, sahyhut-Tergyb wet-Terhyb)

إِنَّ لِلَّهِ عِنْدَ كُلِّ فِطْرٍ عُتَقَاءَ

7- Bu aýda edilen Umranyň sogaby Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) bilen edilen hajyň sogabyna deň.

Ibn Abbasdan (Razyýallahu anhu): **“Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) Ummu Sinän diýen Ansarylardan bolan zenana: “Biz bilen haj etmegiňden seni näme saklady?” diýdi. Aýtdy: “Ýoldaşymda iki düýe bardy, birinde özi bilen ogly haja gitdi, beýlekisinde gulumyz (hurmalary) suwa ýakdy” Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: “Remezanda edilen umra meniň bilen edilen haja (sogapda) barabardyr”** (Buhary, Muslim, Ebu Dawud, Nesäi, Ibn Mäje, Ahmed)

عَنِ ابْنِ عَبَّاسٍ، أَنَّ النَّبِيَّ صَلَّى اللَّهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ قَالَ لِامْرَأَةٍ مِنَ الْأَنْصَارِ، يُقَالُ لَهَا: أُمُّ سِنَانٍ: " مَا مَنَعَكِ أَنْ تَكُونِي حَجَجْتِ مَعَنَا " قَالَتْ: نَاضِحَانِ كَانَا لِأَبِي فُلَانٍ (زَوْجِهَا) حَجَّ هُوَ وَابْنُهُ عَلَى أَحَدِهِمَا، وَكَانَ الْآخَرُ يَسْقِي عَلَيْهِ غُلَامُنَا قَالَ: " فَعُمْرَةٌ فِي رَمَضَانَ تَقْضِي حَجَّةً – أَوْ حَجَّةً مَعِي

8- Bu aýda Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) hasda elini açar eken.

Ibn Abbas (Razyýallahu anhumä) aýtdy: **“Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) adamlaryň iň eli-açygydy, eli açyklygyň hasda köpi Remezanda Jibriliň onuň ýanyna gelýän wagtlary bolardy. (Remezanda) her gije onuň bilen duşuşyp Kuran gaýtalaşardy. Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) (haýyrda) iberilen şemaldanam has eli açakdy”** (Ahmet)

عَنِ ابْنِ عَبَّاسٍ: أَنَّ رَسُولَ اللَّهِ صَلَّى اللَّهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ كَانَ مِنْ أَجْوَدِ النَّاسِ، وَأَجْوَدُ مَا يَكُونُ فِي رَمَضَانَ، حِينَ يَلْقَاهُ جِبْرِيلُ، يَلْقَاهُ كُلَّ لَيْلَةٍ يُدَارِسُهُ الْقُرْآنَ، فَكَانَ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللَّهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ حِينَ يَلْقَاهُ جِبْرِيلُ، أَجْوَدَ مِنَ الرِّيحِ الْمُرْسَلَةِ

Bulardanam başga gadyr-gymmatlyklary kän.

## Agyz beklemegiň fazly (gadyr-gymmady).

1- Allah agyz bekläniň sogabyny Özi bihasap berýär.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Adam oglunyň her bir amaly (sogaby) köpeldiler. Her bir sogap 10 esseden 700 essä deňeç (köpeldiler). Allah aýtdy: *“(Diňe) Agyz beklemekden başga, ol Meniň üçindir we Men onuň sylagyny (bihasap) bererin, şöhwedini we iýmiti Meniň üçin taşlady”* Agyz bekli üçin iki şatlyk bar: agyz açarynda şatlyk we Robbuna duşanda şatlyk. Agyz bekliniň agzyndan gelýän ys, Allahyň ýanynda miskiň ysyndanam ýakymlydyr”** (Buhary, Muslim, Ebu Dawud, Tirmizi, Nesäi, Ibn Mäje, Muwette we Lafz Muslimiňki)

**"كُلُّ عَمَلِ ابْنِ آدَمَ يُضَاعَفُ، الْحَسَنَةُ بِعَشْرِ أَمْثَالِهَا إِلَى سَبْعِمِائَةِ ضِعْفٍ إِلَى مَا شَاءَ اللَّهُ، يَقُولُ اللَّهُ: إِلَّا الصَّوْمَ فَإِنَّهُ لِي، وَأَنَا أَجْزِي بِهِ، يَدَعُ شَهْوَتَهُ وَطَعَامَهُ مِنْ أَجْلِي، لِلصَّائِمِ فَرْحَتَانِ: فَرْحَةٌ عِنْدَ فِطْرِهِ، وَفَرْحَةٌ عِنْدَ لِقَاءِ رَبِّهِ، وَلَخُلُوفُ فَمِ الصَّائِمِ أَطْيَبُ عِنْدَ اللَّهِ مِنْ رِيحِ الْمِسْكِ"**

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Allah Azze we Jelle aýtdy: *“Agyz beklemekden başga adam oglunyň ähli amaly onuň üçindir. Ol (agyz beklemek) Meniň üçindir we Men onuň sylagyny (bihasap) bererin.”* Agyz beklemek galkandyr. Biriňiziň agyz bekleýän güni bolsa, şol gün hapa söz, amal etmesin we dawada etmesin. Egerde biri oňa sögünse ýa-da onuň bilen uruşjak bolsa: “Men agzy bekli kişi” diýsin. Muhammediň jany elinde bolana kasam bolsun, agzy bekliniň agzyndan gelýän ys, Kyýamat gününde Allahyň ýanynda miskiň ysyndanam ýakymlydyr. Agzy bekli üçin iki begençli şatlyk bar: Egerde agyz açanda, agyz açanyna begener we Robbuna duşanda agyz beklänine begener”** (Buhary, Muslim, Ebu Dawud, Tirmizi, Nesäi, Ibn Mäje, Muwette we lafz Buharynyňky)

**" قَالَ اللَّهُ عَزَّ وَجَلَّ : كُلُّ عَمَلِ ابْنِ آدَمَ لَهُ إِلَّا الصِّيَامَ، فَإِنَّهُ لِي، وَأَنَا أَجْزِي بِهِ، وَالصِّيَامُ جُنَّةٌ ، فَإِذَا كَانَ يَوْمُ صَوْمِ أَحَدِكُمْ، فَلَا يَرْفُثْ يَوْمَئِذٍ، وَلَا يَسْخَبْ، فَإِنْ سَابَّهُ أَحَدٌ، أَوْ قَاتَلَهُ؛ فَلْيَقُلْ : إِنِّي امْرُؤٌ صَائِمٌ، وَالَّذِي نَفْسُ مُحَمَّدٍ بِيَدِهِ، لَخُلُوفُ فَمِ الصَّائِمِ أَطْيَبُ عِنْدَ اللَّهِ يَوْمَ الْقِيَامَةِ مِنْ رِيحِ الْمِسْكِ، وَلِلصَّائِمِ فَرْحَتَانِ يَفْرَحُهُمَا ؛ إِذَا أَفْطَرَ فَرِحَ بِفِطْرِهِ، وَإِذَا لَقِيَ رَبَّهُ فَرِحَ بِصَوْمِهِ."**

2- <u>Agyz beklemek oda garşy galkan.</u>

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy; **“Robbuňyz aýdar: “Her bir sogap 10 essesi ýalydan 700-e deňeç (köpeldiler). Agyz beklemeklik Meniň üçindir we Men onuň sylagyny (bihasap) bererin” Agyz beklemeklik oda galkandyr. Onuň agzyndan gelýän**

**ys, Allahyň ýanynda miskiň ysyndanam ýakymlydyr. Siziň biriňiz agzy beklikä bir nadan oňa samsyklyk etse: "Meniň agzym bekli, meniň agzym bekli diýsin"** (Buhary, Muslim, Ebu Dawud, Tirmizi, Nesäi, Ibn Mäje, Muwette we lafz Tirmiziniňki)

إِنَّ رَبَّكُمْ يَقُولُ: كُلُّ حَسَنَةٍ بِعَشْرِ أَمْثَالِهَا إِلَى سَبْعِمِائَةِ ضِعْفٍ، وَالصَّوْمُ لِي، وَأَنَا أَجْزِي بِهِ، وَالصَّوْمُ جُنَّةٌ مِنَ النَّارِ، وَلَخُلُوفُ فَمِ الصَّائِمِ أَطْيَبُ عِنْدَ اللَّهِ مِنْ رِيحِ الْمِسْكِ، وَإِنْ جَهِلَ عَلَى أَحَدِكُمْ جَاهِلٌ وَهُوَ صَائِمٌ فَلْيَقُلْ: إِنِّي صَائِمٌ

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **"Biriňiziň söweşden galkany (bolşy) ýaly, agyz beklemek hem otdan galkandyr (goragdyr)."** (Sahyh Ibn Huzeýma, sahyhul-Targyb wet-Terhyb)

الصِّيَامُ جُنَّةٌ مِنَ النَّارِ، كَجُنَّةِ أَحَدِكُمْ مِنَ الْقِتَالِ

3- <u>Jennediň Roýýan gapysyndan diňe agzy bekliler girer.</u>

Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **"Jennetde "Roýýan" diýilýän gapy bar, Kyýamat gününde ondan agzy bekliler girer, olardan başga hiç kim girmez. Aýdylar: "Hany agzy bekliler" Olar ýerlerinden turarlar, olardan başga hiç kim girmez. Egerde girseler ýapylar we ondan (ol gapydan bulardan başga) birem girmez"** (Buhary, Muslim, Nesäi we Tirmizi)

إِنَّ فِي الجَنَّةِ بَابًا يُقَالُ لَهُ الرَّيَّانُ، يَدْخُلُ مِنْهُ الصَّائِمُونَ يَوْمَ القِيَامَةِ، لاَ يَدْخُلُ مِنْهُ أَحَدٌ غَيْرُهُمْ، يُقَالُ: أَيْنَ الصَّائِمُونَ؟ فَيَقُومُونَ لاَ يَدْخُلُ مِنْهُ أَحَدٌ غَيْرُهُمْ، فَإِذَا دَخَلُوا أُغْلِقَ فَلَمْ يَدْخُلْ مِنْهُ أَحَدٌ

Tirmizide şu hadysda şeýle goşulma bilen geldi: **"Kim ondan (Roýýandan) girse hiç suwsamaz"**

وَمَنْ دَخَلَهُ لَمْ يَظْمَأْ أَبَدًا

4- <u>Agyz beklemek Kyýamat güni şepagat eder.</u>

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **"Agyz beklemek we Kuran kyýamat gününde bendä şepagat ederler. Agyz beklemek aýdar: "Eý, Robbum! Ony gündüzine iýmitden we şöhwetden alyp galdym, oňa şefagat etmegi maňa rugsat ber" Kuran aýdar: "Ony gijesine ýatmakdan alyp galdym, oňa şepagat etmegi maňa rugsat ber" Aýtdy: "Ol ikisine şepagat etmäge rugsat berler"** (Ahmet, sahyhul-Tergyb-wet-Terhyb)

**الصِّيَامُ وَالْقُرْآنُ يَشْفَعَانِ لِلْعَبْدِ يَوْمَ الْقِيَامَةِ، يَقُولُ الصِّيَامُ: أَيْ رَبِّ، مَنَعْتُهُ الطَّعَامَ وَالشَّهَوَاتِ بِالنَّهَارِ، فَشَفِّعْنِي فِيهِ، وَيَقُولُ الْقُرْآنُ: مَنَعْتُهُ النَّوْمَ بِاللَّيْلِ، فَشَفِّعْنِي فِيهِ، قَالَ: فَيُشَفَّعَانِ**

5- Kimiň soňky amaly agyz beklemeklik bolsa Jennete girer.

Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **"Kim "Lä ilähe illallah" diýse şonda (ömri) tamamlansa Jennete girer. Kim Allahyň didaryny islap bir gün agyz beklese, şonda (ömri) tamamlansa Jennete girer. Kim Allahyň didaryny isläp sadaka berse, şonda (ömri) tamamlansa Jennete girer"** (Ahmet, sahyhul-Tergyb-wet-Terhyb)

**مَنْ قَالَ لَا إِلَهَ إِلَّا اللَّهُ خُتِمَ لَهُ بِهَا دَخَلَ الْجَنَّةَ، وَمَنْ صَامَ يَوْمًا ابْتِغَاءَ وَجْهِ اللَّهِ خُتِمَ لَهُ بِهَا دَخَلَ الْجَنَّةَ، وَمَنْ تَصَدَّقَ بِصَدَقَةٍ ابْتِغَاءَ وَجْهِ اللَّهِ خُتِمَ لَهُ بِهَا دَخَلَ الْجَنَّةَ**

6- Agyz beklemäniň deňi taýy ýok.

Ebu Umäme aýtdy: **""Eý, Allahyň Resuly! Maňa bir ybadat buýur (öwret)" diýdim. Ol: "Agyz beklemege ýapyş, çünki (sogaby bihasap berilmekde) onuň taýy ýokdur" Aýtdym: "Eý, Allahyň Resuly! Maňa bir ybadat buýur (öwret)" diýdim. Ol (ýene-de): "Agyz beklemege ýapyş, çünki (sogaby bihasap berilmekde) onuň taýy ýokdur"** (Tirmizi, sahyh Ibn Huzeýma we sahyhul-Tergyb-wet-Terhyb)

أَبُو أُمَامَةَ قَالَ: قُلْتُ: يَا رَسُولَ اللَّهِ، مُرْنِي بِعَمَلٍ، قَالَ: «عَلَيْكَ بِالصَّوْمِ فَإِنَّهُ لَا عَدْلَ لَهُ»، قُلْتُ: يَا رَسُولَ اللَّهِ مُرْنِي بِعَمَلٍ، قَالَ: «عَلَيْكَ بِالصَّوْمِ فَإِنَّهُ لَا عِدْلَ لَهُ»

Başgada kän gadyr-gymmatlygy bar.

# Remezan aýynyň başlaýan we gutarýan wagty

Alymlar Kamary aýy 29 gün ýada 30 günden ybaratdygyny bir agyzdan goldadylar.

Dinimizde Remezan aýy üç zat esasynda başlaýar.

1- Remezanyň aýynyň doganyny görmek bilen.

Muňa delil, Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Ony (Remezan aýyny) görmek bilen agyz bekläň, ony (Şewwäl (Baýram) aýyny) görmek bilenem açyň. Egerde (bulutly bolup ýa başga sebäbe göra öňi ýapylyp) bukulsa aýy 30 güne dolduryň”** (Buhary, Muslim we Nesäi)

**صُومُوا لِرُؤْيَتِهِ وَأَفْطِرُوا لِرُؤْيَتِهِ، فَإِنْ غُبِّيَ عَلَيْكُمْ فَأَكْمِلُوا عِدَّةَ شَعْبَانَ ثَلَاثِينَ**

2- Remezan aýynyň öňündäki Sagban (Meret) aýynyň 29-na aý görülmese, Şagban (Meret) aýyny 30-a doldurypyp, yzyndaky gün Remezana başlanylýar. Muňa delil ýokarky hadysyň soňky bölegi:

**“Egerde (bulutly bolup ýa başga sebäbe göra öňi ýapylyp) bukulsa aýy 30 güne dolduryň”**

**فَإِنْ غُبِّيَ عَلَيْكُمْ فَأَكْمِلُوا عِدَّةَ شَعْبَانَ ثَلَاثِينَ**

Ýagny Şagban (Meret) aýynyň 29-na täze aýyň doganyna garaşýarys, dogsa ertesi Remezan aýy girip, agyz bekläp başlaýarys, dogmasa ýada görüp bilmesek ertesi Şagban (Meret) aýynyň 30-y diýip alýasda, soňky güni Remezana başlaýarys.

3- Adyl şaýadyň habary bilen. Muňa delil, Allahyň Resuly aýtdy:

**“Ony (Remezan aýyny) görmek bilen agyz bekläň, ony (Şewwäl (Baýram) aýyny) görmek bilenem açyň we ol bilen nusukleriňizi (haj amallaryňyzy) ediň. Egerde (bulutly bolup ýa başga sebäbe göra öňi ýapylyp) bukulsa aýy 30 güne dolduryň we <u>iki şaýat (gördüm diýip) şaýatlyk geçse agyz bekläň we açyň</u>”**

(Nesäi we Ahmet. Sahhahahu Elbäni)

**صُومُوا لِرُؤْيَتِهِ، وَأَفْطِرُوا لِرُؤْيَتِهِ، وَانْسُكُوا لَهَا فَإِنْ غُمَّ عَلَيْكُمْ فَأَكْمِلُوا ثَلَاثِينَ، فَإِنْ شَهِدَ شَاهِدَانِ فَصُومُوا، وَأَفْطِرُوا**

Ýagny iki sany adalatly kişi (zenanam bolsa) Remezan aýynyň doganyny görendiklerine şaýatlyk geçseler kabul edilip Remezana başlanylýar we agyz beklenilýär. Şewwal (Baýram) aýynyň doganyny görendiklerine şaýatlyk geçseler, kabul edilip agyz açylýar we Baýram namazy okalýar.

**Mesele: Egerde bir adalatly erkek kişi görse näme etmeli?**

Jogap:

Remezan aýynyň çykmaklygy 2 adalatly kişiniň şaýatlygyndan az bolsa kabul edilmeýär. Ýagny, Remezan aýynyň 29-a aýyň doganyny görenini aýdan bir adyl şaýadyň şaýatlygy Ebu Sewrden başga alymda kabul edilmeýär. 4 Mezhebem şuny diýdiler. Bu hem dogrusy. Muňa delil, Allahyň Resulynyň ýokarda aýdan sözi: **“iki şaýat (gördüm diýip) şaýatlyk geçse agyz bekläň we açyň”**

Remezan aýynyň girmekliginde bolsa 1 adalatly kişiniň şaýatlygy kabul edilýär. Ýagny bir adalatly erkek kişi Şagban (Meret) aýynyň 29-na täze aýyň doganyny görendigine şaýatlyk geçse, kabul edilip Remezana başlanylýar. Mäliki mezhebinden beýleki 3 mezheb şu sözi diýdiler, aralarynda az tapawutlyklar bar, bärisi onuň ýeri däl. Has dogrysam şu bolup 1 adalatly kişiniň şaýatlygy bilen başlanylýar.

Ibn Omar (Razyýallahu anhu) aýtdy: **“Adamlar (Remezanyň) aýyny görmäge çykdyrlar. Allahyň Resulyna (Sallallahu aleýhi we sellem) ony görenimi habar berdim. Ol (Sallallahu aleýhi we sellem) agzyny bekledi we adamlarada agyz beklemegi buýurdy”**(Ebu Dawud, Sahhahahu Elbäni)

عَنْ ابْنِ عُمَرَ –رضي الله عنهما–قَالَ: **تَرَاءَى النَّاسُ الْهِلَالَ، فَأَخْبَرْتُ رَسُولَ اللهِ –صلى اللهُ عليه وسلَّم–أَنِّي رَأَيْتُهُ " فَصَامَ رَسُولُ اللهِ –صلى اللهُ عليه وسلَّم –وَأَمَرَ النَّاسَ بِالصِّيَامِ "**

Ýenede başga delil, Ibn Abbas aýtdy: **“Bir çarwa araby Pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna gelip: “(Remezan) aýyny gördüm” diýdi. Pygamber ondan: “Allahdan başga ybadat edilmäge hakly ilähiň ýokdugyna şaýatlyk geçýärmiň?” diýip sorady. Ol: “Hawa”diýdi, Pygamber: “Muhammediň Allahyň ilçisidigine**

**şaýatlyk geçýärmiň?” diýip sorady. Ol: “Hawa” diýdi. Pygamber: “Eý, Biläl! Adamlara jar çek, ertir agyzlaryny beklesinler!” diýdi.** (Ebu Dawud, Nesäi[1])

ابنُ عباسٍ قال: جاء أعرابيٌّ إلى النبيَّ –صلَّى الله عليه وسلم–، فقال: إني رأيتُ الهِلالَ فقال: "أتَشْهَدُ أن لا إله إلا الله؟ " قال: نعم، قال: "أتَشهدُ أن محمداً رسولُ الله؟ " قال: نعم، قال: "يا بلالُ، أذِّن في النَّاسِ، فليصُومُوا غداً"

Ýene-de bir delil, Remezan aýynyň başlamagyny aýdyp, aldamakda peýda ýok, emma Remezanyň gutaranyny aldamak şöhwet eýeleriniň etmegi ähtymal. Haçanda Remezan girmegine şu ähtymallyk bolmany üçin 1 adalatly kişiniň şaýatlygy kabul edildi.

Emma aramyzda giňden ýaýran Pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) adyndan ýalan sözlenip aýdylan hadys, ne hadys kitaplarda bar, nede asly bar, onda şeýle ýazylan: **“Kim Remezany adamlara buşlasa oňa Jähennem haram bolar**” şu manyda.

Bu hadys diýilip ýaýradylýan ýalan gürrüňi ýaýratmak bolmaýar. Sebäbi Pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) adyndan ýalan sözlemek bolýar.

Diňe ýokarda bellän ýollarymyzyň üstü bilen Remezanyň girenini bilip bilýäris. Egerde şeýle bolsa, diýmek 1-2 aý öňünden aýyň plançasyna Remezan başlaýar diýip ýaýradylýan gürrüňe ygtybar ýok eken.

---

(1) Alymlarda bu hadysyň senedinde gürrün bar.

# Orazanyň şertleri

Şertleri: ýagny agyz beklejek kişide, agyz beklemezinden ozal tapylmaly zatlary, käbiri orazanyň bitmegi üçin, käbiri orazanyň doly bolmagy üçin we käbiri orazanyň parz bolmagy üçin bolup bilýär.

Şertleri: Agyz beklejek

1- Musulman bolmagy.

2- Akly ýerinde bolmagy.

3- Ýetişen bolmagy ýada agy-garany saýgarýan bolmagy.

4- Roza tutmagy başarmagy, ýagny syrkow ýada tapdan galan garry bolmasyzlygy.

5- Oturymly bolmagy (sapardaky bolmadyk).

6- Aýbaşy we çaga dogurymdan soňky gandan arassa bolmak.

7- Niýet.

Düşündirme:

**1-nji şerti:** Agyz beklejegiň musulman bolmagy. Bu şert orazanyň bitmeginiň şerti. Musulman bolmadyk (kapyr) kişi agzyny näçe beklesede dürs bolmaz, çünki ybadatlaryň kabul edilmeginiň bir şerti, şony edýäniň musulman bolmagydyr. Muňa delil, Allah Tagala aýtdy:

**"Biz olaryň (kapyrlaryň) işlän her bir amalyny (ybadatyny) serpilen tozana döndereris, (ýagny haky kabul etmedik adamyň ýagşylyklary ýele sowrular)."**(Furkan 23)

وَقَدِمۡنَآ إِلَىٰ مَا عَمِلُواْ مِنۡ عَمَلٖ فَجَعَلۡنَٰهُ هَبَآءٗ مَّنثُورًا ٢٣

Diýmek ybadat musulmandan başgadan kabul ediljek däl eken. Şu mesele bilen şeýle sorag yüze çykýar. **Namaz okamaýan kişi agyz beklese bolýarmy?**

Jogap: Munuň jogaby “Namaz okamaýan kişi musulmanmy ýada kapyrmy?” diýen meseläniň jogabyna görä bolýar, Bu soraga jogap bermezimizden ozal, şuny ýatlasym gelýär:

Namaz okamazlyk, adam öldürmekden, zyna etmekden, para almakdan, aldamakdan, arak içmekden, ogurlyk etmekden, narkotik ulanmakdan, ene-ata boýun bolmazlykdanam has uly günä. Muny alymlar bir agyzdan goldap aýtdylar. Çünki namazy taşlan kişi, öz Ýaradyjysynyň hakyny taşlan kişi, emme ýokarky sanalan günäler ýaradylanyň haklary. Ine bul bir tarapdan, başga tarapdan bolsa, namazy taşlan kişi kapyr diýen alymlar bar, emma ýokarky sanlanan günäleri edene kapyr diýen ehlisünnet alymy ýok.

Ibn Kaýýym (Rahymahullah) aýtdy: **“Parz namazy bilip taşlamaklyk, günäleriň iň ulysydygy babatynda musulmanlarda düşünişmezlik bolmady (ijmag boldy). Onuň günäsiniň Allahyň ýanyndan adam öldürmekden, emläklerini (haksyz) almakdan, zyna etmekden, ogurlyk etmekden we arak içmekden hem beterdigi we ýenede bu kişi Allahyň azabyna, gaharyna, bu dünýäde we ahyretde masgara bolmaklygyna eltýän zatdygy babatynda hem musulmanlarda düşünişmezlik bolmady (ýagny bir agyzda goldadylar).”**

Indi soraga gelsek. Sahabalaryň we Tabygynleriň köpçüligi bir namazy taşlan kişini kapyr görenler, namazy asla okamaýanyňa gürrüňini edibem oturmaly däl. Muny (Sahabalaryň we Tabygynleriň bu baradaky sözlerini) giňişleýin bilmek üçin “Namaz” atly türkmençä terjime edilen kitaba dolanyp bilersiňiz.

Indi pikir edip göreliň, “Plany kapyrmy, dälmi?” Bu gürrüňä aňyrda dursun; “Plany ogrymy, dälmi” ýada “Narkamanmy, dälmi?” diýip seniň üstünde çekeleşseler nähili agyr deger?! Onda bilip goý, eý binamaz, alymlar “Binamaz kapyrmy, dälmi?” diýen çekeleşigi ýankydan has beter.

Allah Tagala Kuranda namaz okamaýanlaryň Kyýamatda halyndan habar berip aýtdy: **“(Olar hökman) Jennetde bolarlar. Olar günäkärleriň (ýagdaýlaryny) sorarlar. (Olar günäkärlere): «Sizi bu dowzaha getiren zat näme?» (diýerler). Olar: «Biz namazy berjaý etmezdik. Garyplara tagam bermezdik (hallaryndan habar almazdyk).”**
(Muddessir 39-44)

إِلَّآ أَصۡحَٰبَ ٱلۡيَمِينِ ۝٣٩ فِي جَنَّٰتٖ يَتَسَآءَلُونَ ۝٤٠ عَنِ ٱلۡمُجۡرِمِينَ ۝٤١ مَا سَلَكَكُمۡ فِي سَقَرَ ۝٤٢ قَالُواْ لَمۡ نَكُ
مِنَ ٱلۡمُصَلِّينَ ۝٤٣ وَلَمۡ نَكُ نُطۡعِمُ ٱلۡمِسۡكِينَ ۝٤٤

Indi ilkinji soragymyza gelsek, ol bolsa, Namaz okaman roza tutsaň bolýarmy? diýen sorag. Muňa jogap, ýokarda geçişi ýaly Sahabalardan we tabygynleriň köpüsinde beýle kişi kapyr, kapyr näçe roza tutsada puç, käbir alymlarda bolsa “Rozasy dürs, namaz okamaýany üçin uly hatara galýar” diýdiler. Has dogrusynam Allah bilýär.

**2-nji şerti:** Akly ýerinde bolmagy, däli, akylsyz bolmasyzlygy. Bu hem orazanyň bitmegi üçin şertdir.

Muňa delil, Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Galam üç kişiden galdyryldy: Ýatan kişiden tä oýanýança, çagadan tä düýşünde şeýtanlaýança (ýetişýänçä) we mejnundan (däliden) tä akyl gelýänçä”** (Tirmizi, Nesäi we Sahyhut-Tirmizi)

رُفِعَ القَلَمُ عن ثلاثةٍ: عن النَّائِمِ حتَّى يستيقظَ، وعن الصَّبِي حتَّى يحتلِمَ، وعن المجنونِ حتَّى يَعقِلَ

**3-nji şerti:** Ýetişen bolmagy ýada agy-garany saýgarýan bolmagy. Ýetişen bolmagy bu orazanyň parz bolmagy üçin şerti, emma agy-garany saýgarýan bolmagy(2) bu orazanyň bitmegi üçin şerti. Muňa delil ýokarky hadysdyr.

Ýetişmeklik oglanda 3 zat bilen bilinýär:

1-15 ýaş dolmagy bilen

2-Owrat ýerine gaty tüý bitmegi bilen

3-Şöhwetli meni (döl) dökmegi bilen.

Gyzda 4 zat bilen bilinýär:

-Ýokarky 3-si we aý başy gelip başlamagy bilen.

Haçanda ýokarky zatlaryň haýsam bolsa biri tapylsa ýetişen hasap edilýär.

(2) Köp çaagada bu wasp 7 ýaşdan başlaýar.

Sahabalar agy-garany saýgarýan 7 ýaşan çagalaryna oraza tutdurarlar ekenler, egerde ajygyp aglasalar, oýuna gümärler ekenler. Bu ýaşda çaga agyz beklemek parz däl, beklemesede günä ýazylmaz, ýokardaky hadysda gelişi ýaly, ýöne beklese sogaby ýazylar we çaga yslam terbiýesinde önüp öser.

**4-nji şerti:** Roza tutmagy başarmagy, ýagny syrkow ýada tapdan gaçan garry bolmasyzlygy. Bu orazanyň parz bolmagy üçin şertdir. Ýagny öte garrylygy, syrkowlygy, göwreliligi ýada emdirýänligi sebäpli oraza tutup bilmeýän kişä, agyz açmak rugsatdyr. Bärde başarmaýan bolsa diýlip, egerde beklese uly zyýan geljek bolsa, meselem: çaşjak bolsa, keseli ölüm derejä barjak bolsa we şular ýaly muşakgat boljak bolsa, göz öňüne tutulýar, emma diňe ysgyndan gaçýar, suwsaýar ýaly ýeňil-ýelpaý zatlar muňa girýän däldir, çünki bu ybadatda bular ýaly ähli kişide-de bolýar.

Bu şerte delil,  Garrylyk babatynda Allah Tagala aýtdy: **"(Ýaşy ýa-da ejizligi sebäpli) agyz beklemäge ýaramaýan adamlar bir misginiň bir günlük tagamy mukdary ýaly fidýe (töleg) bermeli."**

(Bakara 184)

وَعَلَى ٱلَّذِينَ يُطِيقُونَهُۥ فِدۡيَةٞ طَعَامُ مِسۡكِينٖۖ

Ibn Abbas (Razyýallahu anhumä) Allahyň şu aýatyny açyklap aýtdy:

""**"agyz beklemäge ýaramaýan adamlar bir misginiň bir günlük tagamy mukdary ýaly fidýe (töleg) bermeli" şu bilen garry erkege we garry zenana (Remezanda agyz açmaga) rugsat boldy, ol ikisi agyz beklemäge ýaramaýarlar we agyzlaryny açyp (her biri) her güni üçin bir miskini (garyby) naharlaýarlar"** (Ebu Dawud)

عَنْ ابْنِ عَبَّاسٍ فِي قوله تعالى: (وَعَلَى الَّذِينَ يُطِيقُونَهُ فِدْيَةٌ طَعَامُ مِسْكِينٍ) قَالَ: كَانَتْ رُخْصَةً لِلشَّيْخِ الْكَبِيرِ وَالْمَرْأَةِ الْكَبِيرَةِ وَهُمَا يُطِيقَانِ الصِّيَامَ أَنْ يُفْطِرَا وَيُطْعِمَا مَكَانَ كُلِّ يَوْمٍ مِسْكِينًا

Emma syrkow babatynda bolsa, Allah Tagala aýtdy: **"Sizden kim bu (Remezan) aýa ýetse, onda agyz beklesin! Bir adam (bu aýda) hassa ýa-da ýolagçy bolsa, ol (tutup bilmedik) sanalgy günleriniň (kazasyny) başga günlerde tutar."** (Bakara 185)

فَمَن شَهِدَ مِنكُمُ ٱلشَّهۡرَ فَلۡيَصُمۡهُۖ وَمَن كَانَ مَرِيضًا أَوۡ عَلَىٰ سَفَرٖ فَعِدَّةٞ مِّنۡ أَيَّامٍ أُخَرَۗ

**Agyz açmaga rugsat bolýan syrkowlyk:**
Ol oraza tutmak bilen syrkowlygyň artmagyna ýada gutulmagynyň gijikdirmege getirjek syrkawlyk.

**Syrkawa orazanyň parz bolmasy bilen bagly 3 ýagdaýy:**
1-Syrkawyň oraza tutmagy bilen hiç hili zyýan çekmesizligi, meselem: Çala kelle agyrysy. Bu halda oňa oraza tutmak parz we agyz açmagy haram.

2-Oňa oraza tutmak gaty kyn we oraza tutmak bilen zyýanam çekjek däl, buňa agyz beklemek mekruh, agyz açmagy mustahab.

3-Oňa oraza tutmak gaty kyn we oraza tutmak bilen zyýan hem çekjek. Meselem: Böwrek keseli. Muňa agyz beklemek haram, agzyny açmak bolsa parz.

**5-nji şerti:** Oturymly bolmagy (sapardaky bolmadyk). Bu hem orazanyň parz bolmagynyň şerti. Ýöne sapardaky kişi Remezanda agzyny beklese parzy biter.

Muňa delil, Allah Tagala aýtdy: **"Sizden kim bu (Remezan) aýa ýetse, onda agyz beklesin! Bir adam (bu aýda) hassa ýa-da ýolagçy bolsa, ol (tutup bilmedik) sanalgy günleriniň (kazasyny) başga günlerde tutar."** (Bakara 185)

فَمَن شَهِدَ مِنكُمُ ٱلشَّهۡرَ فَلۡيَصُمۡهُۖ وَمَن كَانَ مَرِيضًا أَوۡ عَلَىٰ سَفَرٍ فَعِدَّةٌ مِّنۡ أَيَّامٍ أُخَرَۗ

**6-nji şerti:** Zenanyň aýbaşdan we çaga dogurymdan soňky gandan arassa bolmagy. Bu şert orazanyň bitmeginiň şerti. Ýagny aýbaşdan ýada dogrumdan soňky gandan arassalanmadyk zenan agyz beklesede bitmez. Muňa delil: Ebu Sayd Hudry aýtdy:

**"Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) Gurban ýada agyz açar baýramynda namaz okalýan ýere çykdy we zenanlaryň deňesinden geçende: "Eý, zenanlar jemlenşigi! Sadaka beriň! Çünki maňa Ot (Dowzah) eýeleriniň köpçüligi sizdigiňiz (zenanlardygy) görkezildi"**

**diýdi. Olar aýtdylar: “Näme sebäpden beýle? Eý Allahyň ilçisi!” Aýtdy: “Köp gargyş edýärsiňiz we garyndaşlygy (äriňiziň we beýlekileriň hakyny) inkär edýärsiňiz (bermeýärsiňiz). Akly we dini kemlerden bolan siziň biriňiziň, akylly-paýhasly erkegiň aklyny sizden has beter gidirýän zat görmedim” Aýtdylar: “Dinimiziň we aklymyzyň kem bolmagynyň sebäbi näme? Eý, Allahyň Resuly!” Aýtdy: “Zenanyň şaýatlygy erkegiň şaýatlygynyň ýarsy dälmidir?” Aýtdylar: “Eýse näme” Aýtdy: “Ana bu akylynyň kemliginden. Egerde (zenanyň) aýbaşy gelse namazam okamaýar, agyzam beklemeýärdämi?” Aýtdylar: “Dagy näme” Aýtdy: “Ana bu dininiň kemliginden”** (Buhary)

أَبُو سَعِيدٍ الخُدْرِيّ قَالَ:خَرَجَ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ فِي أَضْحَى أَوْ فِطْرٍ إِلَى المُصَلَّى، فَمَرَّ عَلَى النِّسَاءِ، فَقَالَ: «يَا مَعْشَرَ النِّسَاءِ تَصَدَّقْنَ فَإِنِّي أُرِيتُكُنَّ أَكْثَرَ أَهْلِ النَّارِ» فَقُلْنَ: وَبِمَ يَا رَسُولَ اللَّهِ؟ قَالَ: «تُكْثِرْنَ اللَّعْنَ، وَتَكْفُرْنَ العَشِيرَ، مَا رَأَيْتُ مِنْ نَاقِصَاتِ عَقْلٍ وَدِينٍ أَذْهَبَ لِلُبِّ الرَّجُلِ الحَازِمِ مِنْ إِحْدَاكُنَّ»، قُلْنَ: وَمَا نُقْصَانُ دِينِنَا وَعَقْلِنَا يَا رَسُولَ اللَّهِ؟ قَالَ: «أَلَيْسَ شَهَادَةُ المَرْأَةِ مِثْلَ نِصْفِ شَهَادَةِ الرَّجُلِ» قُلْنَ: بَلَى، قَالَ: «فَذَلِكِ مِنْ نُقْصَانِ عَقْلِهَا، أَلَيْسَ إِذَا حَاضَتْ لَمْ تُصَلِّ وَلَمْ تَصُمْ» قُلْنَ: بَلَى، قَالَ: «فَذَلِكِ مِنْ نُقْصَانِ دِينِهَا»

**7- Niýet etmek.** Bu orazanyň bitmegi üçin şert bolup durýar. Niýet ençeme görnüşlere bölünýär.

Niýet ýürek bilen edilmeli, ýagny agyz beklenilmeli wagtdan öň, ýüregiňde agyz beklemek niýetiň, maksadyň bolmagy. Sebäbi amallar niýetsiz kabul edilmeýär. Dil bilen aýtmak hem Sünnete laýyk gelmeýär, çünki Pygambermiz (Sallallahu aleýhi we sellem) we sahabalaryň agyz beklänlerinde niýetlerini dil bilen aýdyp, agyz beklän ýeri gelmedi. Egerde şeýle etmeli bolsady, olar ilki bilen hökman ederdiler. Şu sebäpli, bizde ýaýran, agyz bekleneninde aýdylýan doga, diýilip ýaýradylýan zat niýeti dil bilen aýtmakdyr, bu bolsa ýokarda belleýşim ýaly Sünnete laýyk däl. Munyň ýaýramagynyň sebäbi nadanlyk, dini sowatsyzlyk.

Niýet barada ýene bellemeli zat, Niýetde “Haýsy ybadady edýärsiň? Kim üçin edýärsin?” diýen şu iki soraga jogap tapylmaly. Meselem: “Ertir (ýada häzir selälikde) Remezanyň parz bolan orazasyny, Allahyň buýrany üçin, Ondan sogabyny umyt edip tutjak” diýen ýaly ýürekde bolmaly. Muňa delil, Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Amallar niýetlere görä”** (Buhary we Muslim)

# Orazanyň rukunleri (esaslary)

Orazanyň üç rukuni bar, olar orazanyň kesgitlemesinde geçdi, gysgaça sular:

1- Niýet

2- Saklanmak.

3- Wagt.

**Niýet-** ýagny Allaha golaýlaşmak üçin oraza tutmak.

**Saklanmak-** orazany bozýan zatlardan saklanmak, Meselem iýim-içim we şöhwetden.

**Wagt-** Remezan aýynda ikinji daň atanyndan tä gün batýança oraza tutmak.

# Orazanyň sünnetleri

Ýagny agyz bekleneninden bu zatlary etmek bilen kişi sogap alar, buzatlary taşlamasyny bolsa halanylmaz.

1-Selälik edinmek.

Muňa delil, Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Selälik ediniň, çünki selälikde bereket bardyr”**(Buhary we Muslim)

تَسَحَّرُوا فَإِنَّ فِي السَّحُورِ بَرَكَةً

Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Kim agyz beklemek islese, bir zat selälik edinsin”**(Ahmet, es-Silsiletus-Sahyha)

مَنْ أَرَادَ أَنْ يَصُومَ فَلْيَتَسَحَّرْ بِشَيْءٍ

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Biziň agyz beklemämiz bilen, Kitap berilenleriň agyz beklemesiniň tapawudy selälik iýmeklik”** (Nesäi, Sahhahahu Elbäni)

إِنَّ فَصْلَ مَا بَيْنَ صِيَامِنَا وَصِيَامِ أَهْلِ الْكِتَابِ أَكْلَةُ السُّحُورِ

2- Seläligi soňky wagtynda edinmek.

Muňa delil, Zeýd bin Säbit aýtdy: **“Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) bilen selälik edindik, soňra namaza turdy” Zeýdden soradym: “Selälik bilen azanyň arasynda näçe wagt bardy?” Aýtdy: “50 aýat (okaljak) mukdar”**

زَيْدُ بْنِ ثَابِتٍ رَضِيَ اللَّهُ عَنْهُ قَالَ: تَسَحَّرْنَا مَعَ النَّبِيِّ صَلَّى اللَّهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ ثُمَّ قَامَ إِلَى الصَّلَاةِ قُلْتُ كَمْ كَانَ بَيْنَ الْأَذَانِ وَالسَّحُورِ قَالَ قَدْرُ خَمْسِينَ آيَةً

3- Agyzy ilkinji wagtynda açmak.

Muňa delil, Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Agzy ilkinji wagtynda açsalar, adamlar haýyrda bolduklarydyr”**(Buhary we Muslim)

لاَ يَزَالُ النَّاسُ بِخَيْرٍ مَا عَجَّلُوا الفِطْرَ

4- Hurma bilen agyz açmak, bolmasada suw bilen agyz açmak

Muňa delil, Enes bin Mälik (Razyýallahu anhu) aýdýar: **“Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) namaz okamazyndan ozal, teri hurmalar bilen agzyny açardy, egerde teri hurmalar bolmasa, ýumşan hurmalar bilen, olam bolmasa suwdan owurtlardy”** (Ebu Dawud, Sahhahahu Elbäni)

أَنَسُ بْنَ مَالِكٍ يَقُولُ: كَانَ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ يُفْطِرُ عَلَى رُطَبَاتٍ قَبْلَ أَنْ يُصَلِّيَ، فَإِنْ لَمْ تَكُنْ رُطَبَاتٌ، فَعَلَى تَمَرَاتٍ، فَإِنْ لَمْ تَكُنْ حَسَا حَسَوَاتٍ مِنْ مَاءٍ

5- Agyz açanyňdan soňra **“zehebel-zome-e webteletil-uruk we sebetel-ejru inşä-Allah”** diýmek

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) agzyny açanyndan soňra: **“Zehebel-zome-e webteletil-uruk we sebetel-ejru inşä-Allah (suwsyzlyk gitdi, damarlar öllendi we sogabam ýazyldy egerde Allah islese)”** diýerdi. (Ebu Dawud, Sahhahahu Elbäni)

ذَهَبَ الظَّمَأُ وَابْتَلَّتِ الْعُرُوقُ، وَثَبَتَ الْأَجْرُ إِنْ شَاءَ اللَّهُ

6- Agyz açdyrmak.

Muňa delil, Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Kim agzy beklä agyz açdyrsa, oňa hem onuňky (agyz bekläniňki) ýaly sogap bolar, agzy beklininem sogabyndan hiç zat kemelmez”** (Tirmizi, Ibn Mäje. Sahhahahu Elbäni)

مَنْ فَطَّرَ صَائِمًا كَانَ لَهُ مِثْلُ أَجْرِهِمْ، غَيْرَ أَنَّهُ لَا يَنْقُصُ مِنْ أَجْرِ الصَّائِمِ شَيْئًا

7- Ýagşy işleri köp etmek.

8- Biri uruşjak bolsa ýada sögünse **“Men rozaly”** diýip, ýüz öwürmek

Muňa delil geçenki baplarda geçipdir.

# Orazany bozýan zatlar.

Orazany bozýan zatlar bar,orazasy dogry bolmagy üçin bulary öwrenmeklik wajyp. Orazany bozýan zatlar iki görnüşde, bizi doly orazany bozup, täzeden kazasyny almaly edýär, ikinji orazanyň sogabyny bozýar ýada kemeldýär.

Birinji görnüşi, olar:

1- Jynsy gatnaşyk.

2- Iýmek ýada içmek.

3- Menini (döli) çykarmak – ýagny, ogşamak, eldemek, gaýta-gaýta seretmek ýada özüňe kanagat bermek bilen menini (döli) çykarmak.

4- Özüňi bilkastlaýn gusdurmak

5- Hijama almak we aldyrmak.

6- Agyz açmagy ýüregiňe düwmek.

7- Aýbaşy ýada çaga dogrumdaky gan gelmegi.

Ýokarkylaryň (aý başy gelmekden we dogrumdaky gan gelmekden başga) haýsam bolsa birini bilip we öz ygtyýary bilen etse agzy açylar. Ýagny bilip diýdik, kişi bilmän etse, meselem: Agzynyň beklidigini ýatdan çykaryp etse açylmaz. Öz ygtyýary bilen etse diýdik, ygtyýarsyz etse ýada etdirilse agzy açylmaz. Meselem: Agzyny açanda siňek, tozan we ş.m uçup gelip girse agzy açylmaz ýada zorluk bilen iýdirilse, iýmese öldürme gorkusy ýada zyýan ýetirme gorkusy bilen bolsa agzy açylmaz.

Bilmän ýada ýatdan çykaryp edilmegiň agyz açmaýanyna delil: **“Eý, Perwerdigärimiz! Eger biz unudyp ýa-da ýalňyşlyk bilen (günä iş) etsek, bizi tutma (hasaba çekme)!”** (Bakara 286)

رَبَّنَا لَا تُؤَاخِذْنَآ إِن نَّسِينَآ أَوْ أَخْطَأْنَا

Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Kim ýatdan çykaryp iýip içse, orazasyny dowam etsin, çünki Allah ony naharlandyr we içirendir”**

إِذَا نَسِيَ فَأَكَلَ وَشَرِبَ، فَلْيُتِمَّ صَوْمَهُ، فَإِنَّمَا أَطْعَمَهُ اللَّهُ وَسَقَاهُ

Öz ygtyýary bilen etmese agyz açmaýanyna delil:

Allah Tagala aýtdy: **“Ýalňyşyp eden zatlaryňyzda size günä ýokdur. Emma ýürekleriňiziň saýlap edenine (bardyr)”** (Ahzab 5)

وَلَيۡسَ عَلَيۡكُمۡ جُنَاحٞ فِيمَآ أَخۡطَأۡتُم بِهِۦ وَلَٰكِن مَّا تَعَمَّدَتۡ قُلُوبُكُمۡۚ

## Orazany bozýan zatlaryň delil:

1-Jynsy gatnaşyk.

Allah Tagala aýtdy: **“Size oraza gijelerinde aýallaryňyza ýanaşmak halal edildi. Olar siziň lybasyňyzdyr (örtgiňizdir), siz hem olar üçin lybassyňyz. Allah siziň özüňize erbetlik edýändigiňizi bildi we tobaňyzy kabul edip, siziň (günäleriňizi) bagyşlady. (Siz) indi (oraza gijelerinde) olara (aýallaryňyza) ýanaşyp (bilersiňiz) we Allahyň siziň üçin ýazgyt eden zadyny (perzent edinmegi) gözläň! Siz säher çagy, tä siziň üçin ak sapak gara sapakdan saýgarylýança, iýiň we içiň! Soň agşama çenli (Gün ýaşýança) agyz bekläň!”**(Bakara 187)

أُحِلَّ لَكُمۡ لَيۡلَةَ ٱلصِّيَامِ ٱلرَّفَثُ إِلَىٰ نِسَآئِكُمۡۚ هُنَّ لِبَاسٞ لَّكُمۡ وَأَنتُمۡ لِبَاسٞ لَّهُنَّۗ عَلِمَ ٱللَّهُ أَنَّكُمۡ كُنتُمۡ تَخۡتَانُونَ أَنفُسَكُمۡ فَتَابَ عَلَيۡكُمۡ وَعَفَا عَنكُمۡۖ فَٱلۡـَٰٔنَ بَٰشِرُوهُنَّ وَٱبۡتَغُواْ مَا كَتَبَ ٱللَّهُ لَكُمۡۚ وَكُلُواْ وَٱشۡرَبُواْ حَتَّىٰ يَتَبَيَّنَ لَكُمُ ٱلۡخَيۡطُ ٱلۡأَبۡيَضُ مِنَ ٱلۡخَيۡطِ ٱلۡأَسۡوَدِ مِنَ ٱلۡفَجۡرِۖ ثُمَّ أَتِمُّواْ ٱلصِّيَامَ إِلَى ٱلَّيۡلِۚ

Bu ar-heleý arasynda bolsun ýada zyna bolsun tapawudy ýok orazany bozýar. Muny edene kazasyny almak we keffarasyny bermek parz bolar.

**Remezanda orazany jynsy gatnaşyk bilen bozmanyň keffaraty:**
Gul azat etmeli, egerde başarmasa yzly-yzyna bir gün sypdyrman iki aýlap agyz beklemeli, muny hem diniň rugsat berýän uzuryna görä bekläp başarmasa, 60 garyby naharlamaly, her bir garyba ýarym sag şo ýurduň iýmitinden bermeli. Ýarym sag takmynan 1,5 kg barabar, meselem tüwi, mäş, noýba we ş.m zatlardan.

Bu keffarat has dogrusy orazany bozýanlaryň şu görnüşine degişli, galanyna degişli däl. Sebäbi hadysda delil diňe şu görnüşdäkisine geldi.

**Keffaratyna delil:**

Ebu Hureýra (Razyýallahu anhu) aýtdy: **“Pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna biri gelip: “Heläk boldum” diýdi. Ol: “Seni näme zat helak etdi?” diýip sorady. Aýtdy: “Remezanda (gündüzine)**

**aýalyma ýanaşdym" Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem): "Gul azat et" diýdi, ol: "Ýagdaýym ýok" diýdi. Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: "Yzly-yzyna iki aýlap agyz bekle" ol: "Başarmaýaryn" diýdi. Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: "60 garyby naharla""**

Başga hadysda: **"we bir gün ýerine agyz bekle"** (Buhary, Tirmizi, Nesäi, Ibn Mäje)

، عَنْ أَبِي هُرَيْرَةَ، قَالَ: أَتَى النَّبِيَّ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ رَجُلٌ فَقَالَ: هَلَكْتُ، قَالَ: «وَمَا أَهْلَكَكَ؟» قَالَ: وَقَعْتُ عَلَى امْرَأَتِي فِي رَمَضَانَ، فَقَالَ النَّبِيُّ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ: «أَعْتِقْ رَقَبَةً» قَالَ: لَا أَجِدُ، قَالَ: «صُمْ شَهْرَيْنِ مُتَتَابِعَيْنِ» قَالَ: لَا أُطِيقُ، قَالَ: «أَطْعِمْ سِتِّينَ مِسْكِينًا»

«وَصُمْ يَوْمًا مَكَانَهُ»

2- Iýmek ýada içmek.

Muňa delil hem ýokarky aýat. Aragatnaşygyň, iýmegiň we içmegiň orazany bozýanyny hiç hili gapma garşy pikir ýok, musulman ymmaty muny bir agyzdan goldan.

3-Menini (döli) çykarmak – ýagny, ogşamak, eldemek, gaýta-gaýta seretmek ýada özüňe kanagat bermek bilen menini (döli) çykarmak.

Sahyh hadysda Allah Tagalanyň şeýle diýeni geldi: **"şöhwedini we iýmiti Meniň üçin taşlady"** (Buhary, Muslim, Ebu Dawud, Tirmizi, Nesäi, Ibn Mäje, Muwette we Lafz Muslimiňki)

يَدَعُ شَهْوَتَهُ وَطَعَامَهُ مِنْ أَجْلِي،

4- Özüňi gusdurmak.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **"Kim (agzy beklikä) özüni bilip gusdursa, oňa kaza almak hökmandyr we kimden gusmaklyk üstün gelip gussa oňa kaza ýokdur"** (Ahmet, Ebu Dawud, Tirmizi, Ibn Mäje)

مَنِ اسْتَقَاءَ عَامِدًا فَعَلَيْهِ الْقَضَاءُ، وَمَنْ ذَرَعَهُ الْقَيْءُ فَلَا قَضَاءَ عَلَيْهِ

5- Hijama almak we aldyrmak.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **"Hijama edýäniň we hijama etdirýäniň agyzlary açyldy"** (Buhary, Ebu Dawud. Nesäi, Tirmizi)

أَفْطَرَ الْحَاجِمُ وَالْمَحْجُومُ

6- Agyz açmagy ýüregiňe düwmek.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Amallar niýetlere görä”** (Buhary we Muslim)

7- Aýbaşy ýada çaga dogrumdaky gan gelmegi.

Bu ikisini ýene bärde-de getirmegimiň sebäbi orazanyň bitmegi üçin gerek bolan ýada bozýan zatlaryny bir ýerde jemlemek üçindir. Bolmasa bu ikisi orazanyň şertlerinde-de we rukunlerinde-de gelipdi, delillerinem şonda geçipdi, täzeden gaýtalamaga zerurýet ýok.

Agyz açmagy ýüregiňe düwmek bu niýet orazanyň hem şerti hem rukuni bolup, agyz beklenmezinden ozalda gerek, agyz beklenip tä açylýançada gerek.

Emma Aýbaşdaky we nifäsdäki zenan agyz beklesede bitmez, başda geçen delilimiz esasynda.

Wesollallahu ala nebiýnä Muhammet we Ala Älihi we sohnihi we sellem.